## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
## – BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!


# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

METBUGAT – ELEKTRON GAZETI

ELECTRONIC NEWSPAPER

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty.

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№ 20 (103) 2024-nji ýylyň 10-njy iýuly




4-nji iýulda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ŞHG) sammitine gatnaşmak maksady bilen, Gazagystan Respublikasynda iş saparynda boldy.

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

* * *

4-nji iýulda Astanada iş sapary bilen bolan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ŞHG) sammitiniň çäklerinde geçirilýän wekiliýet Baştutanlarynyň «ŞHG+» görnüşindäki duşuşygyna gatnaşdy.

* * *

4-nji iýulda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew bilen duşuşygy geçirildi. Duşuşygyň dowamynda hyzmatdaşlygyň giň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Milli Liderimiz Gündogaryň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň Astanada oturdylan ýadygärliginiň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

* * *

5-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere garaldy.

* * *

5 — 7-nji iýulda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş türkmen paýtagtynda saparda boldy.

* * *

6-njy iýulda paýtagtymyzda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň arasynda gepleşikler geçirildi.

Ikiçäk we wekiliýetleriniň giňeldilen düzümdäki geçirilen duşuşygyň dowamynda taraplar dürli ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmek meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

* * *

6-njy iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň arasynda gepleşikler tamamlanandan soň, belent mertebeli myhmany Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglady.

### Syýasy habarlar

* * *

6-njy iýulda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň düzüminde ýurdumyza sapar bilen gelen BMG-niň Baş sekretarynyň Ýewropa, Merkezi Aziýa, Demirgazyk we Günorta Amerika işleri boýunça kömekçisi Miroslaw Ýença bilen duşuşdy.

* * *

6-njy iýulda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş bilen duşuşdy.

Şeýle-de şol gün ýurdumyza sapar bilen gelen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş BMG-niň Türkmenistandaky Merkezi wekilhanasynyň täze binasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### Netijeliligiň esasy görkezijiligi boýunça onlaýn okuw seminary

2024-nji ýylyň 8-nji iýulynda Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan meýilnama esasynda, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň guramagynda KPI (key performance indicator – netijeliligiň esasy görkezijiligi) boýunça onlaýn okuw seminary geçirildi. Onlaýn okuw seminara ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň ýolbaşçylary, mugallymlary we talyplary gatnaşdylar.

Onlaýn maslahatda ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň mugallymlary we talyplary KPI-ä esaslanan dolandyryş modelini emele getirmek maksady bilen, dolandyryş işlerinde döwrebap programma üpjünçiligini peýdalanmak boýunça tejribeleri paýlaşdylar.

### Состоялись выборы депутатов Меджлиса Туркменистана

7 июля 2024 года в Институте международных отношений МИД Туркменистана на 2-ом участке 1-го избирательного округа «Garaşsyzlyk» города Ашхабада состоялись выборы вместо досрочно выбывших депутатов Меджлиса Туркменистана.

Важно отметить, что на 2-ом избирательном участке 1-го избирательного округа «Garaşsyzlyk» свои голоса за достойных кандидатов отдали студенты Института международных отношений МИД Туркменистана и Туркменского государственного университета имени Махтумкули. Выборы проводились в соответствии с Конституцией Туркменистана, Избирательным кодексом Туркменистана, на альтернативной основе открытости, а также прозрачности и справедливости.

Согласно Избирательному кодексу Туркменистана, по 1-му избирательному округу «Garaşsyzlyk» было зарегистрировано три кандидата от Аграрной, Демократической партий Туркменистана и группой граждан.

### UN secretary-general participated in the inauguration of the new office-building

On 6th of july, 2024 United Nations General-Secretary Antonio Guterres participated in the inauguration of the "Mirap" building which is the new office of United Nation in Turkmenistan. The event was also attended by heads of ministries and agencies of the country, heads and staff of UN missions in Turkmenistan, as well as mass media. The opening ceremony began with the official raising of the flags of Turkmenistan and the United Nations on the square in front of the building. Speaking at the ceremony, Antonio Guterres, the Secretary General of the United Nations, noted that the relations between Turkmenistan and the United Nations are at an exemplary level.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
https:// www.iirmfa.edu.tm
2024-nji ýylyň 10-njy iýuly

# THE VISIT OF ANTONIO GUTERRES TO TURKMENISTAN

***The cooperation of Turkmenistan with international organizations and units of the United Nations is successful. The country's initiatives aimed at promoting understanding and peace between countries are widely supported by the international community. UN Secretary General Antonio Guterres's visit on the 5-7-th of July was an important step in strengthening relations between Turkmenistan and the UN.***



During the visit, the President of Turkmenistan met with the UN General Secretary, showcasing the continuing strategic dialogue between the two sides. Their common goals include pursuing peace, stability, security, and achieving the Sustainable Development Goals.

Turkmenistan is a long-term strategic partner of the United Nations in Central Asia. The meeting between the President of Turkmenistan and Antonio Guterres further strengthened this strategic cooperation.

After the conversations, the Turkmen leader awarded the distinguished guest with a medal commemorating the 300th anniversary of Magtymguly Pyragy. As we know, this medal was created in the year of the 300th anniversary of the birth of the great poet, and was presented to the Head of the United Nations. The President also presented a gift badge and the book "Magtymguly" to Antonio Guterres. Guterres expressed his appreciation and emphasized the importance of the philosophical ideas of Magtymguly Pyragy.

The General Secretary announced his support for Turkmenistan in regard of the opening of a regional center for climate change technologies in Central Asia in Ashgabat. The Turkmen side affirmed the readiness to provide comprehensive support for important international initiatives, and the President of Turkmenistan was invited by the distinguished guest to a future Summit in September.

The National Leader of the Turkmen people highlighted the significance of the visit as a significant event in Turkmenistan-UN relations. He expressed satisfaction with the active and effective development of bilateral cooperation.

During his visit, Antonio Guterres visited the UN Regional Center for Preventive Diplomacy for Central Asia, the UN Representative Office in Turkmenistan, and participated in the opening ceremony of the new building of the UN Permanent Representative Office in Turkmenistan. He expressed his gratitude to President Serdar Berdimuhamedov and the government of Turkmenistan for their support, expressing confidence in successful cooperation between Turkmenistan and the UN in all priority areas.

The current visit and conversations are important steps to expand the efficient relationship and enrich it with new meaning in line with common interests. The agreements reached during the meetings will give a powerful push to the implementation of new projects and programs.

***Ayshirin DOVLETOVA,***
***the 2nd year student of Faculty***
***of International Journalism.***




# ТУРКМЕНИСТАН – ШОС:

## Перспективы сотрудничества

*Международное сотрудничество*

*Шанхайская организация сотрудничества (ШОС) представляет собой одну из наиболее значимых международных организаций, которая в последние годы приобретает все большее влияние на мировой арене. Созданная в 2001 году, ШОС объединяет Россию, Индию, Иран, Казахстан, Китай, Киргизию, Пакистан, Таджикистан, Узбекистан. Афганистан, Монголия обладают статусом государств-наблюдателей при ШОС. Также 14 стран Азии и Африки обладают статусом «партнер по диалогу ШОС» — Азербайджан, Армения, Бахрейн, Египет, Камбоджа, Катар, Кувейт, Мальдивы, Мьянма, Непал, ОАЭ, Саудовская Аравия, Турция и Шри-Ланка.Основными целями ШОС являются укрепление безопасности и стабильности в регионе, развитие экономического сотрудничества и гуманитарных связей. Официальные языки — русский и китайский.*

*В данной статье будет рассмотрена политическая роль ШОС в современном мире, влияние организации на региональную и глобальную стабильность, а также перспективы ее дальнейшего развития.*

### История и структура ШОС

ШОС возникла на основе «Шанхайской пятерки», которая была создана в 1996 году для решения вопросов, связанных с пограничной безопасностью и разоружением между Китаем, Россией, Казахстаном, Киргизией и Таджикистаном. В 2001 году к этой группе присоединился Узбекистан, что послужило основанием для создания ШОС. В 2017 году членами организации стали Индия и Пакистан, что значительно расширило географический охват и повысило значение организации на международной арене.

Основные институты ШОС включают Совет глав государств, Совет глав правительств, Совет министров иностранных дел, Региональную антитеррористическую структуру (РАТС) и Секретариат ШОС. Организация принимает решения на основе консенсуса, что подчеркивает равноправие всех участников и способствует укреплению доверия между государствами.

Одной из ключевых задач ШОС является обеспечение безопасности и стабильности в регионе. Организация активно борется с терроризмом, экстремизмом и сепаратизмом, что особенно важно в условиях растущей нестабильности и множества вызовов, с которыми сталкиваются страны Центральной Азии и Южной Азии. Региональная антитеррористическая структура (РАТС) ШОС играет центральную роль в координации усилий государств-членов в этой области, проводя совместные учения и обмен информацией.

### Экономическое сотрудничество

ШОС также стремится к развитию экономического сотрудничества между своими членами. В условиях глобальной экономической неопределенно-



сти и торговых войн, создание благоприятных условий для торговли и инвестиций внутри организации становится важным фактором для экономического роста и развития. ШОС поддерживает проекты в области транспорта, энергетики, торговли и инвестиций, способствуя развитию инфраструктуры и экономической интеграции региона.

### Гуманитарное сотрудничество

Гуманитарное сотрудничество является еще одним важным направлением деятельности ШОС. Организация поддерживает программы в области образования, науки, культуры и здравоохранения, способствуя развитию межкультурного диалога и укреплению дружеских отношений между народами стран-участниц. Совместные образовательные программы, научные исследования и культурные мероприятия помогают развивать человеческий капитал и способствуют устойчивому развитию региона.

### Влияние ШОС на региональную стабильность в Южной Азии

Включение Индии и Пакистана в состав ШОС в 2017 году значительно расширило географический охват органи-



зации и повысило ее значение в Южной Азии. Несмотря на существующие политические противоречия между Индией и Пакистаном, их участие в ШОС способствует укреплению региональной стабильности и развитию диалога между двумя ядерными державами. Организация предоставляет платформу для обсуждения ключевых вопросов безопасности и экономического сотрудничества, что способствует снижению напряженности и укреплению доверия.

***(Продолжение следует).***

***Сейран СОПЫЕВ,***
***студент II курса***
***факультета международной журналистики.***

***4 июля в Астане состоялась церемония открытия памятника великому туркменскому поэту и мыслителю Махтумкули Фраги. В торжественном мероприятии принял участие председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов, находящийся с рабочим визитом в Казахстане.***

Halypa diplomatdan ussatlyk sapaklary

# Diplomatiýa döredijilikli işmi?

Türkmen diplomatiýasynyň nazaryýetiniň we amalyýetiniň dürli meselelerine bagyşlap ýazan ýazgylarymyň birinde men BMG-niň BA-nyň sessiýalaryna gatnaşýan döwletleriň wekiliýetleriniň öz daşary syýasy edaralaryndan alýan görkezmelerine laýyklykda, olaryň BMG-niň BA-nyň sessiýasynyň Gün tertibindäki meseleler boýunça kararlaryň we rezolýusiýalaryň kabul edilmegine gatnaşýandyklaryny, umuman, merkezden gelýän görkezmeleri ýerine ýetirmekligiň wekiliýetleriň ýolbaşçylarynyň ilkinji gulluk borjy bolup durýandygyny nygtap geçipdim. Munuň bolsa, öz gezeginde, diplomatyň wezipesi diňe merkezden alynýan görkezmeleri ýerine ýetirmekden ybarat bolup durýarmyka ýa-da diplomatiýa döredijilik başlangyçlary mahsus dälmikä diýen ýaly soraglary döretmegi ahmaldyr.



Bolup biläýjek şeýle sowallara jogap hökmünde, ozaly bilen, özümiň hemişe diplomatyň diňe bir görkezmeleri ýerine ýetiriji gullukçy däl-de, eýsem, onuň döredijilikli işgär bolup durýandygy baradaky ynanjymdan gelip çykandygyny belläp geçmekçi. Munuň özi, elbetde, diplomatik wekilhananyň ýolbaşçysynyň merkezden ýollanýan görkezmeleri, adaty diplomatlaryň bolsa, diplomatik wekilhananyň ýolbaşçysynyň görkezmelerini ýerine ýetirmekleriniň hökmany bolup durýandygyny aradan aýyrmaýar.

Şunlukda, meniň şahsy tejribäm diplomatiýa işiniň döredijilik başlangyçlaryna örän baýdygyndan habar berýär. Hatda merkezden diplomatik wekilhanalara ýollanýan görkezmeler hem kähalatlarda şahsy görelde üçin ýeterlik mümkinçilikleri döredýärler. Üstesine-de, daşary syýasy iş diňe bir diplomatyň däl, eýsem, diplomatlaryň bilelikdäki zähmetini özünde jemleýändir we jemlemelidir.

Sowet Soýuzynyň we Türkmenistanyň diplomatik gulluklarynda ýokary ýolbaşçy wezipelerde işlemek bilen, men özümiň ýolbaşçylygymda işlän diplomatlar üçin mümkin boldugyça gowy döredijilik şertlerini döretmäge hemişe uly üns berendigimi belläp geçmekçi. Sebäbi men diplomatlar üçin kanagatlanarly döredijilik ýagdaýynyň döredilmegini olaryň öndürijilikli işini üpjün edýän, ussatlyklarynyň ýokarlanmagyna degerli ýardam berýän, ahyrky netijede bolsa, amaly diplomatiýanyň netijeliligini yzygiderli artdyrýan esasy serişde hasap edipdim we häzir hem men şol pikirde.

Hut şonuň üçin hem men 1970 – 80-nji ýyllarda respublikamyzyň Daşary işler ministrliginde ýokary ýolbaşçy wezipelerde işlemek bilen, ministrligiň bölümlerinde, Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soňky döwürde bolsa, özümiň olara ýolbaşçylyk eden ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynda diplomatlaryň alyp baran işleri bilen bagly meseleler boýunça ýygy-ýygydan ara alyp maslahatlaşmalary gurapdym, şeýle hem ministrligimiziň, diplomatik wekilhanalarymyzyň ýolbaşçysy hökmünde döwletimiziň daşary syýasy ugrunyň maksadaokgunly işlenip taýýarlanylmagyna hemişe işjeň gatnaşmaga çalşypdym.

Amaly diplomatiýanyň netijeliligini yzygiderli ýokarlandyrmak – munuň özi döredijilikli diplomatik işiň netijesi. Ylym hem medeniýetiň iň möhüm bölegidir we adamzadyň döredijilik zehininiň iň ýokary ýüze çykmalaryndan biridir. Şu jähetden, ýurdumyzyň amaly diplomatiýasyny üstünlikli durmuşa geçirmek, şeýle hem halkara gatnaşyklaryň düýpli meselelerini ylmy taýdan işläp taýýarlamak – bular daşary syýasatyň we diplomatiýanyň çylşyrymly we deň bahaly iki ugry, döredijiligiň esasy çeşmeleri bolmak bilen, daşary syýasaty yzygiderli we ýokary hilde amala aşyrmagyň esasy şertleridir.

Şunlukda, janly, erkin döredijilik, täze bilimler, başlangyçlar, täzeçe çemeleşmeler bolmasa, biziň geljekki diplomatymyza XXI asyryň hakykatyna dogry we doly düşünmek örän kyn bolardy. Şonuň üçin hem geljekki diplomatlary taýýarlamakda biziň esasy ünsümiz diplomatlarymyzyň dünýäniň täze geosyýasy ýagdaýyna we onda Bitarap Türkmenistanyň ornuna, ykdysady diplomatiýanyň artýan ähmiýetine, iň täze habar tehnologiýalarynyň amaly diplomatiýanyň işine çekilmeginiň möhümligine gowy düşünmeklerini gazanmakda bolmalydyr.

> **Amaly diplomatiýanyň netijeliligini yzygiderli ýokarlandyrmak – munuň özi döredijilikli diplomatik işiň netijesi.**

*Amangeldi RAHMANOW, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.*

## Новости дипломатических представительств Туркменистана за рубежом



5 июля в Брюсселе прошел круглый стол, посвященный энергетическому потенциалу и зеленой политике Центральной Азии. В мероприятии приняли участие послы стран региона и Монголии, руководители европейских компаний и исследовательских институтов. Модератором выступил Марат Тертеров, основатель Brussels Energy Club.

2 июля посол Туркменистана в Исламабаде Атаджан Мовламов и федеральный министр экономики Пакистана Ахад Хан Чим провели встречу в здании Дома премьер-министра Пакистана. Об этом сообщается на сайте туркменского посольства в Пакистане.



4 июля консул Туркменистана в ФРГ Мурад Озбекбаев провел встречу с Государственным министром Баварии по европейским и международным делам Эриком Байссвенгером в рамках рабочего визита в Баварию, сообщает пресс-служба туркменского МИД.

2 июля при активном участии Посольства Туркменистана в Пакистане 28 июня в Торгово-промышленной палате Лахора состоялась церемония открытия Киоска по содействию торговле со странами Центральной Азии и Азербайджаном.

В церемонии приняли участие президент ТППЛ Кашиф Анвар, послы Туркменистана, Азербайджана, Казахстана и Кыргызстана, почётные консулы Казахстана и Кыргызстана, представители бизнес-сообщества Лахора и местных СМИ.

2 июля в посольстве Туркменистана в Душанбе состоялась церемония награждения студентов таджикских вузов, ставших призерами международного конкурса эссе на тему «Значение международного гуманитарного права в поддержании мира и безопасности на планете», проведенного Институтом международных отношений МИД Туркменистана среди студентов высших учебных заведений стран Центральной Азии.



***Подготовила: Ораздженал ЧАРЫЯРОВА, студентка I курса факультета международной журналистики.***

*Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Esen Muhammedowiç Aýdogdyýew, şol bir wagtda, Türkmenistanyň Serbiýa Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi wezipesine bellenildi.*

# HELD ELECTIONS OF THE DEPUTIES WHO LEFT AHEAD OF TIME OF THE MEJLIS OF TURKMENISTAN

Under the leadership of the honorable President, great importance is attached to the democratization of public life at a modern level in Turkmenistan. It is one of the important directions of the policy of our Arkadagly Hero Serdar. The humanitarian initiatives of our Hero-Arkadag have been successfully continued during the the Era of the Revival of the New Epoch of the Powerful State, the work of the electoral system has been continuously improved, and positive experiences of organizing elections in our country in accordance with our national laws and international norms have been collected.

On the basis of the Constitution of Turkmenistan and the Election Code of Turkmenistan, which include universally recognized international norms for conducting democratic elections, the electoral rights of citizens are fully ensured.

As it is known, in accordance with Articles 4 and 85 of the Election Code of Turkmenistan, in accordance with the decision No. 100-VII of April 20, 2024 of the Mejlis of Turkmenistan, the 1st "Garashsyzlyk", the 2nd "Bitaraplyk" and the 6th "Kopetdag" districts of Ashgabat city, due to the premature departure of the deputies of the parliament of Turkmenistan, elections of deputies of Mejlis in those constituencies were held on Sunday, July 7, 2024.

In order to prepare for and conduct these elections in an organized manner, a meeting of the Central Comission for holding Elections and Referendums in Turkmenistan was held on April 25, 2024. Several issues related to the elections were considered in the Mejlis, and the plan of activities to prepare for the elections and organize them was approved. Thus, the season for upcoming elections started on April 26, 2024.

According to Article 1 of the Election Code of Turkmenistan, elections in the country are held on a competitive basis. The elections to replace the deputies of the Mejlis of Turkmenistan who left before the term of office of the 1st "Garashsyzlyk", 2nd "Bitaraplyk" and 6th "Kopetdag" districts of Ashgabat city will be held by the three political parties of the country, the Democratic Party of Turkmenistan, the Party of Industrialists and Entrepreneurs of Turkmenistan and The Agrarian Party of Turkmenistan , as well as citizens' groups.

Nominations began on May 8 this year and ended on June 6. Registration of candidates was held from May 18 to June 11. 9 candidates for the deputy of the Mejlis of Turkmenistan were registered in the respective electoral groups. 2 of them were nominated by the Democratic Party of Turkmenistan, 1 by the Industrialists and Entrepreneurs Party of Turkmenistan, 2 by the Agrarian Party of Turkmenistan, and 4 by citizen groups. 3 candidates from each constituency competed in the elections to the Mejlis of Turkmenistan, the representative body exercising legislative power in Turkmenistan, in the three constituencies of Ashgabat city.



Manuals, election documents, necessary stationery goods, ballots were prepared and distributed to the polling stations by the office of the Central Comission for holding Elections and Referendums in Turkmenistan. As part of the organized preparations for the elections, videos explaining the voting procedure were prepared and broadcasted to the public through TV channels.

Information about the candidates registered in the respective constituencies, their biographies and photos were published in Turkmen and Russian languages on the pages of central newspapers on June 13 of this year, as well as on the website of the Central Election Commission. In the year "The Fount of Wisdom of Magtymguly Fragi", young voters who turn 18 years old before the election day and voted for the first time were given presents.

The elections that were held on July 7, 2024 in the constituencies of the deputies of the Mejlis of Turkmenistan, who left before the term of office, were held in accordance with international norms, our national laws and our democratic principles of our ancestors. The organized holding of the elections in accordance with the democratic principles, on the basis of multi-partisanship, in the conditions of wide competition is another clear proof that all conditions are created for our citizens to exercise their rights to choose and be elected.

***Gulsenem HOMMADOVA,***
***lecturer of the Department of International Law and Comparative Jurisprudence.***

# BÜTINDÜNÝÄ ÝAŞLAR FESTIWALY:
## ylalaşyk we hyzmatdaşlyk

***2024-nji ýylyň 26 — 30-njy iýuny aralygynda Özbegistan Respublikasynda Bütindünýä ýaşlar festiwaly üstünlikli geçirilip, oňa türkmen wekiliýetiniň düzüminde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymlary hem gatnaşdylar.***

Täze taryhy döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ýaşlarynyň ukyp-başarnyklaryny hem-de zehinini ýüze çykarmak, olaryň durmuş goraglylygyny üpjün etmek, işewürlik hem-de döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek maksady bilen, işjeň halkara hyzmatdaşlygy alnyp barylýar. Şunda ýaşlaryň halkara hyzmatdaşlygyndaky ornuny has-da berkitmek, goldamak hem-de höweslendirmek ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň esasy möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar. Türkmen ýaşlarynyň Özbegistanda geçirilen Bütindünýä ýaşlar festiwalyna gatnaşmagy ýurdumyzda ýaşlaryň halkara hyzmatdaşlygyna uly üns berilýändiginiň şaýatlyk edýär.

Festiwal Daşkent şäheriniň 2024-nji ýylda «GDA-nyň Ýaşlar paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli guralýan çäreler bilen utgaşyklykda geçirildi. Dostlukly döwletde ilkinji gezek guralan festiwalyň açylyş dabarasy Samarkant şäherinde boldy. Şeýle hem festiwalyň maksatnamasyna laýyklykda, baý mazmunly dabaralar Özbegistanyň birnäçe şäherlerinde hem guraldy. Festiwala dünýä döwletleriniň 150-den gowragyndan ýaşlaryň müňlerçesi gatnaşdy.

Bütindünýä ýaşlar festiwaly «Ylalaşyk we hyzmatdaşlyk» atly şygar bilen geçirilip, munuň özi aýratyn mazmuna eýedir. Çünki häzirki döwrüň wajyp meseleleri boýunça köptaraply halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde giň gözýetimli, başarnykly, täze dünýägaraýyşly ýaşlara uly orun degişlidir. Şeýle ýaşlar meseleleri çözmekde düýpgöter täzeçe, özara kabul ederlikli çemeleşmeleri teklip edip bilýärler.




Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymlary hem türkmen wekiliýetiniň düzüminde Bütindünýä ýaşlar festiwalyna gatnaşyp, degişli sammitlerde üstünlikli çykyş etdiler. Myhmanlar üçin taýýarlanan medeni maksatnama aýratyn ýatda galyjy boldy.

Mälim bolşy ýaly, geçen ýylda döwlet Baştutanymyzyň Karary esasynda «Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023 – 2030-njy ýyllar üçin Strategiýasynyň» tassyklanylmagynyň, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Bütindünýä ýaşlar jemgyýetiniň resmi agzalygyna kabul edilmeginiň ýurdumyzyň halkara ýaşlar dialogyny giňeltmek ugrunda alyp barýan işleriniň nobatdaky ykrarnamasy bolandygyny bellemek gerek. Şunuň bilen baglylykda, 2023-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda ýaşlaryň dünýäde durnukly geljegi gurmak ugrunda artýan ornuna bagyşlanyp geçirilen «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly halkara ýaşlar forumynyň, geçen ýylyň 30-njy oktýabrynda Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Halklaryň dostlugy – ýaşlaryň bagtyýar geljeginiň kepili» atly Ýaşlaryň halkara maslahatynyň geçirilmegi, noýabr aýynda bolsa Mary şäherinde «Beýik Ýüpek ýolunyň täze eýýamy» ady bilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hytaýyň ýaşlarynyň forumynyň geçirilmegi aýratyn ähmiýete eýedir. Şoňa görä-de, türkmen wekiliýetiniň şu gezekki Bütindünýä ýaşlar festiwalyna gatnaşmagy ýaşlaryň özara tejribe alyşmaklary, bilim hem-de hünär taýdan kämilleşmekleri üçin täze mümkinçilikleri döretdi.

Ýaş nesillerimize ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, beýik işleri rowaçlykla beslensin!

***Sülgün NEPESOWA,***
***Halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň mugallymy.***

***Türkmenistanyň Hindistan Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Şalar Geldynazarow, şol bir wagtda, Türkmenistanyň Nepaldaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi wezipesine bellenildi.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Baş redaktor
*Täzegül KULJIKOWA*

*Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*
*Jogapkär kätip: B.Garaýew.*
*Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Kaşaňow.*
*Bölüm müdiri: J.Öwezowa.*
*Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa.*
*Korrektor: A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.*

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, T.Uşakow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.*

*Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.*

*E-mail:*
*hgi.redaksiya@gmail.com*